TÜRKMENISTANYŇ
MALIÝE
MINISTRLIGI

744028, Türkmenistan,
Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 156,
Tel.: 39-45-05; faks: 98-21-35
e-mail: omeft@online.tm

MINISTRY
OF FINANCE
OF TURKMENISTAN

744028, 156, Archabil avenue,
Ashgabat c., Turkmenistan
Phone: 39-45-05; fax: 98-21-35
e-mail: omeft@online.tm

«04» aprel 2014 ý. № 10/1083

**Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň
Baş maliýe müdirliklerine**

**Welaýatlar we Aşgabat şäheri
boýunça döwlet salgyt gulluklaryna**

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna geçýänligi sebäpli, maliýe hasabatlylygynyň berlişi boýunça iş ýüzünde ýüze çykýan soraglar bilen baglylykda, şu aşakdakylary habar berýärler.

«Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasynyň 2-nji bölümine laýyklykda, maliýe hasabatlylygy umumy maksatly, maksatlaýyn wezipeli maliýe hasabatlylygynyň, aralykdaky maliýe hasabatlylygynyň, ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygynyň we aralykdaky ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygynyň toplumlaryndan ybarat.

Umumy maksatly maliýe hasabatlylygynyň we aralykdaky maliýe hasabatlylygynyň toplumlary maliýe hasabatlylygynyň milli we halkara standartlaryna laýyklykda bellenilýär.

Maksatlaýyn wezipeli maliýe hasabatlylygynyň toplumy şeýle hasabatlylygyň berilmegini talap etmäge hukugy bolan peýdalanyjylar tarapyndan bellenilýär.

Ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygynyň we aralykdaky ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygynyň toplumy maliýe hasabatlylygynyň kiçi we orta telekeçilik üçin milli ýa-da halkara standartyna laýyklykda bellenilýär.

«Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 18-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda, 1-nji ýanwardan başlap 31-nji dekabry hem öz içine alýan senenama ýyly umumy maksatly maliýe hasabatlylygy üçin **hasabat döwri** bolup durýar.

Şeýle hem, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 5-nji maddasynyň düzgünine laýyklykda, salgyt ýyly ýanwar aýynyň 1-inden başlanýar we dekabr aýynyň 31-inde tamamlanýar hem-de maliýe ýyly bilen gabat gelýär.

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2013-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda çykaran 156-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2013-nji ýylyň 15-nji noýabrynda 711 san bilen bellige alynan, Maliýe hasabatlylygyny bermegiň Tertibiniň 28-nji bölümine laýyklykda, aralykdaky maliýe hasabatlylygy hasabat ýylynyň başyndan ösýän jem bilen düzülýär. Aralykdaky maliýe hasabatlylygy üçin **çärýek** hasabat döwri bolup durýar. Aralykdaky ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygy üçin **ýarym ýyl** hasabat döwri bolup durýar.

Subýektler şu Tertibiň düzgünlerine laýyklykda maliýe hasabatlylygynyň toplumyny şu tertipde berýärler:

täjirçilik kärhanalary üçin umumy maksatly maliýe hasabatlylygynyň toplumyny (ýyllyk) we täjirçilik kärhanalary üçin aralykdaky maliýe hasabatlylygynyň toplumyny (çärýeklik) täjirçilik kärhanalary, ýagny jemgyýetiň isleglerini kanagatlandyrmak we peýda almak maksady bilen, önüm öndürmek, harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmat etmek üçin "Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň Kanuna laýyklykda döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýektleri;

döwlet býujet edaralary üçin umumy maksatly maliýe hasabatlylygynyň toplumyny (ýyllyk) we döwlet býujet edaralary üçin aralykdaky maliýe hasabatlylygynyň toplumyny (çärýeklik) döwlet býujet edaralary, ýagny işleri dolulygyna ýa-da bölekleýin býujetden maliýeleşdirilýän, dolandyryşy, durmuş-medeni wezipelerini we täjirçilik häsiýeti bolmadyk beýleki wezipeleri amala aşyrmak üçin döredilen edaralar, şeýle-de öz işlerini "Jemgyýetçilik guramalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan jemgyýetçilik guramalary, şeýle hem işleri maksatlaýyn serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän, dolandyryş wezipelerini ýa-da täjirçilik häsiýeti bolmadyk beýleki wezipeleri amala aşyrýan daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilhanalary we şahamçalary;

kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygynyň toplumyny (ýyllyk) we kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin aralykdaky ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygynyň toplumyny (ýarym ýyllyk) kiçi we orta telekeçilik kärhanalary, ýagny "Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kiçi we orta telekeçilik subýektlerine degişli bolan subýektler, şeýle hem işgärleriniň ortaça sanaw sany boýunça kiçi we orta telekeçilik subýektleriniň işgärleriniň ortaça sanaw sanyna laýyk gelýän daşary ýurt maýa goýumlary bolan subýektler.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 176-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt üçin salgyt beýannamasy maliýe hasabatyny tabşyrmak üçin göz öňünde tutulan möhletlerde berilýär.

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2013-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda çykaran 156-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2013-nji ýylyň 15-nji noýabrynda 711 san bilen bellige

alynan, Maliýe hasabatlylygyny bermegiň Tertibiniň 32-nji we 33-nji bölümlerine laýyklykda, subýektler çärýeklik, ýarym ýyllyk we ýyllyk maliýe hasabatlylygyny degişlilikde ygtyýarly edilen degişli edaralara bellenilen möhletlerde berilmegini üpjün etmelidirler.

Ýokarda beýan edilenleri maglumat we işde ulanmak üçin garamagyňyzdaky edaralaryň hem-de gyzyklanýan taraplaryň dykgatyna gyssagly ýetirmegiňizi soraýaryn.

**Türkmenistanyň Maliýe ministriniň orunbasary**

**R.Nurýagdyýew**

**Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň orunbasary**

**S.Gündogdyýew**